# Keramat bar bu toprakda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Keramat bar bu toprakda KERAMAT BAR BU TOPRAKDA

Ärler, pirler sarpa bilen
Keramat bar bu toprakda.
Azym-azym arka bilen,
Keramat bar bu toprakda.

Hydyr gören cäge, daşy,
Elde bibileñ gözýaşy,
Ruhunda peder göz-gaşy,
Keramat bar bu toprakda.

Adyñ mälim Zerinaýym,
Tumar hatyn, tapman taýyñ.
Jelaleddin çeken ýaýyñ-
Keramat bar bu toprakda.

Sallançagyn guşlar üwrän,
Tagzym etsem öwran-öwran,
Ärsary babam – sen dowram,
Keramat bar bu toprakda.

Bize miras danalaryñ,
Pikirleri, mamalaryñ,
däp-dessury – Käbelerim,
Keramat bar bu toprakda.

Hoja Ýusup "Bilim!" diýen,
Nejimeddin Hyrka geýen,
Magtymguly ýurdy söýen
Keramat bar bu toprakda

Başym egýän Molla Törä,
Ussa Haýyt syna – cyra,
Yrgaýlary çaga yrar

Keramat bar bu toprakda.

Garagumyñ süññi zerden,
Ägirtleri cykmaz serden,
Babagammar, Aýdyñ pir deý…
Keramat bar bu toprakda.

Senden medet Ymam bakyr,
Gaýtarmyşda kerem ýatyr,
Dünýa mälim Mahmyt batyr,
Керамат бар бу toprakda.

Goraglydyr – ganatlydyr,
Il senaly, zynatlydyr,
Hak sylamyş, Halatlydyr,
Керамат бар бу toprakda.

Parawbibi kerem daga,
Hak pataly Mäne baba,
Üç ýüz altmyş pirli, aga!
Керамат бар бу toprakda.

Hak yşkyndan Şiblan ýanan,
Rumy Arşy sözden ganan,
Zülfi Kefil ruhy howam,
Керамат бар бу toprakda.

Ylym ýoly Talhatanyñ,
Sanjar, gör gülläp Watanyñ!
Gözli Ata, nur gatanym,
Керамат бар бу toprakda.

Ýurdum halkyñ din-imany;
Nirde Attaryñ diwany!
Ärsagyñ köşgi-eýwany,
Керамат бар бу toprakda!

Oguljemal ÇARYÝEWA. Goşgular